# Ýürek yzasy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ýürek yzasy ÝÜREK YZASY



Garaşmandy ene beýle ahwala,
Ýürekde arzuwy, maksat añynda.
Etmişi ýüzüne basylan ogly,
Otyr aşak bakyp, suduñ zalynda.
Eli egrilikde tutulan ogly,

Etmişine görä aldy jezasyn.
Ömrün päk zähmete sarp eden ene,
Perzent üçin çekýär ýürek yzasyn.

Egildi oglunyñ çynar deý başy,
Enäniñ pendini almany üçin.
Gözenekde köýjek ýigitlik ýaşy,
Halaly, haramy añmany üçin.

Kalbyn gaplap alan agyr gussalar,
Didelerden gözýaş bolup döküldi.
Namys edip näletkerde ogluna,
Taýly günde enäñ bili büküldi.

## • HALALYM BOLSUN

Aýdym aýtsam joşup-joşup,
Kalba ýakyn sazym bolsun.
Arzuwlar duýga ulaşyp,
Il-günüme mälim bolsun.

Galp pikire gol bermedim,
Öwülemde özgermedim.
Näkeslere ýalbarmadym,
Ak gar deý ynsabym bolsun.

Bir möhüm orta atylsa,
Dillere ballar gatylsa,
Zerurlukdan ýüz tutulsa,
Sözümde ygrarym bolsun.

Derýa deýin daşdyranym,
Bu ylhamym joşduranym.
Gamly göwne goşgularym
Melhemim, dermanym bolsun.

Gara nebse ylgamaýyn,
Zähmet çekmän sygnamaýyn,
Der döküp, işde gaýnaýyn,

Az bolsun, halalym bolsun.

Gurbanmämmet SÖÝÜNJOW. Goşgular